# Göwnüm

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Göwnüm GÖWNÜM



Umman ýaly giňdi göwnim,
Arassady kir-kimirden.
Öňýeten oklap, daş-kesek,
Geçip gitdi her hal, her dem.
Göwnümi çökeren daglar,
Ýöne ýerden döremedi.
Kesekleri kän siňdirdim,
Wah, şol daşlar eremedi.

Ýalanlardan, ýaňsylardan,
Çökdi gitdi, näzik göwnüm.
Birmahalky şol giň göwnim,
Ýatladyp dur, aýna döwgün.

Göwnim göýä döwüljek deý,
Ýatladyp dur, aýna döwgün.
Ömrüm boýy ýüklendigi,
Şol daşlardan çökdi göwnüm.

Öz göwnime daş atana,
Jogap bermän daşlar bilen.
Çekip ýörin agyr ýüki,
Gara gözde, ýaşlar bilen… Goşgular